# Dümewiñ wiruslary kosmosdan gelýän eken!

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dümewiñ wiruslary kosmosdan gelýän eken!

DÜMEWIÑ WIRUSLARY KOSMOSDAN GELÝÄN EKEN!

Astrofizik Fred Hoýl we Kardiff uniwersitetinden Çandra Wikramasing geçiren barlaglarynyñ dowamynda ýer ýüzüne ýaýraýan köpçülikleýin dümew (grip) keseliniñ kosmosdan aralaşýan wiruslar arkaly möwjeýändigini mälim etdiler.
1918-1919-njy ýyllarda dünýäni aldym-berdime salan köpçülikleýin dümewiñ ABŞ-nyñ Boston we Hindistanyñ Bombeý (häzirki Mumbaý) şäherinde bir günde başlandygyna ünsi çekip, bu boýunça ylmy barlaglary geçiren iki alym 1761-nji ýyldan häzirki wagta çenli ýaýran ähli köpçülikleýin dümewiñ Günden gelýän zyýanly şöhleler bilen ugurdaşlyk görkezýändigini aýtdylar.
Bu iki alymyñ aýtmagyna görä guýrukly ýyldyzdan gelýän wirusly tozgalar atmosferanyñ daşky gatlaklaryna siñişip galýar, soñra olaryñ belli bir bölegi atmosfera gatlagyny böwsüp ýere inýän zyýanly Gün şöhlelerine ilişip ýer ýüzüne inýär we dümewiñ ýaýramagyna şert döredýär.
Köpçülikleýin ýaýraýan dümewiñ 11 ýyllyk zyýanly Gün şöhleleriniñ periodlaryna ugurdaş ýaýramagy hem bu pikiriñ dogrulygyna güwä geçýär.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

@ Kitapçylar.

Medisina